Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# § 12. Sözlem.

**227-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we göçüriň. Olaryň her biriniň okalyşynyň äheňine üns beriň.

1.Biz mekdebe geldik.

2.Sen näçenji klasda okaýarsyň?

3.Toýuňyz gutly bolsun!

**228-nji gönükme.** Suratlar hakyndaky gürrüňi okaň we soraglara jogap beriň.





— Balam, awtobus duralgasy nirede?

Oglanlar meýdanda top oýnaýarlar.



## Ýaşasyn parahatçylyk!

1. Sözlemler okalanda, olaryň okalyş äheňi — intonasiýasy birmeňzeşmi ýa-da dürli-dürlumi?

2. Sözlemleriň her birinde näme hakynda gürrüň gidýär?

3.Sözlemleriň soňunda goýlan dyngy belgiler birmeňzeşmi?

* * *

**229-njy gönükme.** Aşakdaky sözlemleri okaň we göçüriň. Her sözlemiň okalyşyna we olardan soň goýlan belgilereüins beriň.

1.Merediň jigisi birinji klasda okaýar.

2.Sen şu gün bize geljekmi?

3.Baýramyňyz gutly bolsun!

**Sözlem sözlerden düzülip, gutaran bir pikiri aňladýar. Sözlem üç hili bolýar:**

1. Habar sözlemi. 2. Sorag sözlemi. 3. Ýüzlenme sözlemi. Her sözlemiň öz aýdylyş äheňi bolýar.

**230-njy goniikme.** Suratlaryn aşagyndakylary okaň.

Kim ýa-da näme hakda gürrüň berilýändigini aýdyň.

Türkmenkulturom.





Sygyr otlaýar. Nurgözel gülleri suwarýar.

Suratlar hakdaky sözlemleri göçüriň.

| *suwarmak* | *gutlamak* |
|---|---|

**Habar sözlemi bir zady habar bermegi aňladýar we onuň yzyndan nokat (.) goýulýar. Nokatdan soňky sözlem baş harp bílen başlanýar.**

**231-nji gönükme.** Okaň, näçe sany habar sözleminiň bardygyny aýdyň.

Abadan her gün ir turyar. Düşegini ýygnaýar, yuwunyar. Ol ertirlik edinyär.

Okuwa gidýär. Abadan haty arassa ýazýar. Men Abadan bilen bir partada oturýaryn.

Habar sözleminden soň nähili belgi goýulýar? Nokatdan soňky sözlem nähili harp bilen başlanýar?

* * *

**232-nji gönükme.** Göçüriň. Habar sözleminiň niresinde nokat goýandygyňyzy aýdyň.

Turkenkitap.com.



## Çopanlar.

Durdy aga baş çopan. Onuň kömekçileri Oraz bilen Mergen. Olar daýhan birleşiginiň goýunlaryny bakýarlar. Gün ýaşdy. Çopanlar goşa ýygnandylar. Olar nahar edindiler. Çay içdiler. Soňra radio diňlediler.

***baş çopan goş***

**233-nji gönükme.** Okaň. Nirede nokat goýulmalydygyny aýdyň.

## Muhammet bilen Hally.



Muhammet bilen ikisi dost Muhammet Hallynyň ýanyna geldi Hally oýnaýardy Ol Muhammediň öňünden çykdy Olar bile oýnadylar

Gerekli ýerinde nokat goýup göçüriň.

* * *

**234-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we olaryň kim hakda habar berýändigini aýdyň.

## Annasoltan.

Annasoltan edepli gyz. Ol birinji klasda okaýar. Annasoltan gowy okaýar.

Ol ejesine komek edýär. Annasoltan jigisine kitap okap berýär.

Annasoltan hakdaky sözlemleri göçüriň.

Annasoltan hakynda näçe sany habar sözlemi bar?

Turkelkultur.com.

Habar sözleminden soň nähili belgi goýulýar we soňky sözlem nähili harp bilen başlanýar?

* * *

**235-nji gönükme.** Okaň. Sözlemler näme hakda Berýändigini aýdyň.

## Uçar

Uçar uçdy. uçar ýolagçylary äkitdi. Uçara köp adam sygýar.

Menem uçara mündüm. Uçaryň içi orän oňat. Uçar Maryda gondy.

Uçar hakynda näçe sany habar sözlemi bar?

Habar sözleminden soň nähili belgi goýulýar we şol belgiden soňky sözlem nähili

harp bílen başlanýar?

* * *

**236-njy gönükme.** Hekaýajygy okaň we her bir habar sözleminiň degişli ýerinde nokat goýup göçüriň.



## Obamyzda.

Obamyzda çagalar bagy bar Obamyzyň kop çagasy şoňa gatnaýar Terbiýeçi çagalara erteki aýdyp berýär

Turkmenkulturom.

Çagalar diňleýärler Ol ýerde çagalaryň wagty gyzykly geçýär Bizde çagalar hakda köp alada edilýär

* * *

**237-nji gönükme.** Okaň. Habar sözleminden beýleki

sözlemleri depderiňize göçüriň.

Meniň doganym ikinji klasda okaýar. Seniň doganyň näçenji klasda okaýar?

Men kitap okadym. Meniň okan kitabym gyzykly eken.

Sen kitap okadyňmy? Çagalar otluk meýdanda oýnaýar. Çagalar nirede oýnaýar?

Göçüren sözlemleriňiziň yzynda nähili belgi goýlandygyna üns beriň.

* * *

**238-nji gönükme.** Okanyňyzda, her sözlemde aýratyn

Bir zat soralýandygyna üns beriň.

Kakaň nirede işleýär? Sen haýsy mekdepde okaýarsyň?

Sen kitaplaryňy, depderleriňi arassa saklaýarmyň? Düýn size kim geldi?

Sen meniň bilen oýnajakmy? Sen haýsy oýunlary gowy gorýärsiň?

**Sorag sözlemi bir zady soramagy aňladýar we onuň yzynda sorag belgisi (?) goýulýar. Sorag sözleminden soňky** başlanýan sözlem **baş harp bilen başlanýar.**

**239-njy gönükme.** Okaň. Haýsy sözlemleriň habar,haýsylarynyň sorag sözlemidigini aýdyp beriň. Olaryň okalyşynyň äheňine üns beriň.

Turkenkulturom.

Men ejem bilen haýwanat bagyna gitdim. Sen ol ýerde bolduňmy? Ak aýyny gördüňmi?

Haýwanat bagy bize ýarady. Siz haçan gitjek? Kim bilen gitjek? Jigiňi hem äkitjekmi?

Sorag sözlemlerini göçüriň.

Sorag sözleminiň yzynda nähili belgi goýulýar? Şol belgiden soňky sözlem nähili harp bilen başlanýar?

# ***haýwanat bagy***

**240-njy gönükme.** Okaň. Her bir sözlemiň okalyş, äheňine üns beriň.

Biz oýnamaga gitjek. Sen gitjekmi? Meniň bilen jigim hem gider.

Biz köp oýnarys. Seniň jigiň barmy? Ol näçe ýaşynda?

Men galam aldym. Sen galam aldyňmy?

Habar sözlemlerini biraýry, sorag sözlemlerini biraýry göçüriň.

Habar sözleminiň yzynda nähili belgi goýulýar?

Sorag sözleminiň yzynda nähili belgi goýulýar?

Bu belgilerden soňky sözlem nähili harp bilen ýazylyp başlanýar?

* * *

**241-n ji gönükme.** Sorag we habar sözlemleriniň yzynda degişli belgilerini goýup göçüriň.

Turkenkulturom.

Kim işleýär Durdy işleýär Kim geldi Meret geldi Näme uçýar Guş uçýar Nirä gitdiň Mekdebe gitdim

**Nusga:** *Kim işleýär? Durdy işleýär.*

* * *

**242-nji gönükme.** Gerekli dyngy belgileri goýup, sözlemleri depderiňize göçüriň.

Kakam işden geldi.Seniň kakaň nirede işleýär

Meniň kakam goýun bakýar Siziň obaňyz gumdamy

Gutaran bir pikiri aňladýan bu sözlemleriň haýsylary habar,

haýsylary sorag sözlemleri?

* * *

**243-nji gönükme.** Suratlara üns bilen serediň. Çopanyň we

okuwçylaryň edýän işlerini habar berip ýazyň.



**244-nji gönükme.** Her sözlemden soň degişli dyngy belgileri goýup göçüriň. Täze sözlemi nähili harp bilen ýazyp başlamalydygy ýadyňyzda bolsun.

Türkenkultur.com.

Sen nireden geldiň men mekdepden geldim siz näçe sagat okadyňyz biz dört sagat

okadyk ýol ýodaşyň ady kim ýoldasymyň ady Şöhrat.

**Nusga:** Sen nireden geldiň? Mĕn mekdepden geldim.

**245-nji gönükme.** Sözlemleri öz heňi-intonasiýasy bilen okaň. Habar we sorag sorag sözlemlerinden beýleki sözlemleri göçüriň.

Ýaz aýlary gutaryp gelýär. Ýaz päsly haýsy aýlardyr? Ýaşasyn biziň Watanymyz!

Biz parahatçylygy söýýäris! Biz zähmeti söýýäris! Azat zähmete şöhrat!

Göçüren sözlemleriniziň yzyndan nähili belgi goýlandygyna üns beriň.

**Ýüzlenme sözlemi ýüzlenmegi, begenjj gynanjy aňladýar. Ýüzlenme sözleminiň yzyndan ýüzlenme belgisi (!) goýulýar**

**Ýüzlenme belgisinden soňky sözlem baş harp bílen başlanýar.**

**246-njy gönükme.** *Okaň we ýüzlenme aýdyp beriň.*

Sen kitaby gowy görýärmiň? Men kitaby gowy görýärin. Çagalar, kitaby oňat saklaň! Kitaplaryňyzy, depderleriňizi hapalamaň, ýyrtmaň! Biz serhet ýakasynda ýaşaýrys. Döwletimizi goraýjylara söhrat!

Ýüzlenme sözleminiň yzyndan nähili belgi goýulýar? belgiden

soňky sözlem nähili harp bílen baş1anyar?

* * *

**247-nji gönükme.** Gepleşigi okaň. Her sözlemiň okalyş äheňine

üns beriň we olaryň nähili sözlemdigini aýdyň.

## Gepleşik.

— Myrat, biziň döwletimiziň ady näme?

— Aman, biziň döwletimiziň ady Türkmenistan.

— Türkmenistan nähili döwlet?

— Türkmenistan Garaşsyz, Özbaşdak, baky Bitarap dowlet.

Ýaşasyn Garaşsyz Watanymyz! .

Ýaşasyn onuň hemişelik Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy!

— Myrat, eziz Watanymyzyň nähili baýlyklary bar?

— Amau, mähriban diýarymyzyň nebit, gaz, pagta, duz, Kükürt ýaly baýlyklary bar.

— Mähriban Watanymyza baky şöhrat!

— Mertebelei Serdarymyz Saparmyrat Turkmenbaşa Söhrat!

*Mertebeli* sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

* * *

**248-nji gönükme.** Ýüzlenme sözlemlerini degişli äheňi intonasiýasy bílen okaň, soňra göçüríň.

Ýok bolsun uruş.! Biz parahatgylygy soýýäris! Yaşasyn azatlyk!
Zähmete şöhrat! Ýaşasyn, mähriban Türkmenistanym!

Ýaşasyn, eziz Watanymyz! Ýaşasyn, beýik **Serdarymyz!**

Turkenkulturom.

* * *

**249-njy gönükme.** Aşakdakylardan ýüzlenme sözlemlerini tapyp, depderinize göçüriň.

Tomus kakam bílen Hazar deňziniň kenaryna dynç almaga gitjek. Sen nirede bol jak? Çagalar, mugallymlara hormat goýuň! Özüňizden ululary sylaň!

Mekdebimiziň oňat jaýy bar. Baýramyňyz gutly bolsun!

**Kenar** sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

* * *

**250-nji gönükme.** Okaň. Her sözlemiň nähili sözlemdigini aýdyň.

## Jereniň doglan güni.

Jeren sekiz ýaşady. Bu gün onuň doglan güni. Joralary, klasdaş ýoldaşlary Jereni gutlamaga geldiler.



— Çary, sen Jereni doglan güni bilen gutlamag gitjekmi?

— Elbetde, men giderin! Çagalar Jerenlere geldiler. Çary seslendi:

— Jeren, sen öýdemi? Seni doglan günüň bilen gutlaýaryn!

Bu sözi hemme çagalar gaýtaladylar. Soňra çagalar telewizorda multfilme seretdiler.

* * *

**251-nji gönükme.** Sözleri öz degişli ýerinde ulanyp,

Turkmenkulturom.

sözlemler düzüň we depderiňize ýazyň.

*1.* Çagalar, ejem, bagyna, gitdi.

*2.* Agşam, oýun, mekdebimizde, görkeziljek.

*3.* Sagat, oýun, başlanýar, näçede?

*4.* Bolsun, gutly, toýuňyz!

**Nusga:** Ejem çagalar bagyna gitdi.

* * *

**252-nji gönükme**. Hekaýajygy okaň. Her sözlemiň nähili sözlemdigini aýdyp beriň.

## Hemmeden gowy.

Bir gün bir gyzjagaz ejesi bilen barýarka, ýolda azaşypdyr. Ol gygyryp eýläk-beýläk ylgap, ejesini gozläpdir Adamlar ol gyzjagazdan:

— Seniň ejeň nirede? — diýip sorapdyrlar. Gyzjagaz aglap:

— Siz meniň ejemi tanaňzokmy? Meniň ejem  hemme ejeden gowudyr — diýip aýdypdyr.

*L. Tolstoý.*

Turkenkulturom.